# Atamyrat Atabaýewden setirler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Atamyrat Atabaýewden setirler ATAMYRAT ATABAÝEWDEN SETIRLER




Gara garga balasyna sargaýar,
Asmana uçuryp goýbermezden öň,
Uly ýola salyp, uzak ýaşaýşa,
Öňünden göçürip goýbermezden öň:
«Ägä bolgun, balam, okdan-kesekden,

Wehimli bol,
Töweregňe eset sen.
Eger adam görseň, egiläýdigi,
Uçgun, ýerden kesek aljak bolýandyr.
Alan kesegini ýa-da daşyny,
Dazyrdadyp senden saljak bolýandyr».
Ýaş garga diýenmiş:
«Kesek ýa daş oň,
Goltugynda bar bolaýsa owaldan,
Şonda men nädeýin alsam uçugym?»
Ene aýdan:
«Balam, bar, Alla ýaryň,
Ýaý ganatyň, bolupsyň sen uçurym!»

## Puşkine

Talant deň däl, ýöne talap deň gerek,
Işe zyýany kän gyradeňligiň.
Çala başy gowşan çakyr eserler,
Daraldýarka edebiýatyň demligin.

***

Aglaman git, näme gerek aglamak?
Süpür gözýaşyňy gözünden, serwim!
Sessiz aglaýanym bildirmän durun,
Senem bir azajyk dözümlen, serwim!

Undup bormy ümsüligin tokaýyň?!
Ýagtylygyn ýa tümlügin tokaýyň?!
Undup bormy mawy kölleriň boýun,
Arasyn ýabany üzümleň, serwim?!

Aldyryp ýüregim, aldyryp aklym,
Men seni baky däl, amanat tapdym.
Söýgi däl, wagt däl, kanagat tapdym.
Sen mähir çaýylan ýüzüňden, serwim!

Ýagyş ýagdy, çar töwerek ezildi,
Kirpiklerňe ak damjalar düzüldi,
Gujakladym, zer monjugyň üzüldi,

Men seň ykbalyňdan üzülmen, serwim!

Köňül berip, garyp göwnün awlanym,
Täleýimi täleýine baglanym.
Aglaman git, aňlaman git aglanym,
Gözümden, ýüzümden, sözümden serwim! Goşgular